## Mekdep okuwçylarynyň arasynda Halkara matematika olimpiadasyny guramak we geçirmek hakynda

## DÜZGÜNNAMA

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýylyň 4-nji dekabrynda çykaran 2006-njy Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny» hem-de 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabryndaky 340 belgili Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny» we ony durmuşa geçirmegiň Meýilnamasyny ýerine ýetirmek, bilim ulgamynda innowasiýalary ornaşdyrmak, şeýle hem bilimiň hiline garaşsyz monitoringi amala aşyrmak maksady bilen, Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp mekdep okuwçylarynyň arasynda Halkara matematika olimpiadasyny geçirmek boýunça şu Düzgünnama işlenip taýýarlanyldy.

### 1. Umumy düzgünler

Şu Düzgünnama Mekdep okuwçylarynyň arasynda Halkara matematika olimpiadasyny (mundan beýläk - olimpiada) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

Türkmenistanyň bilim ulgamynyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine sazlaşykly aralaşýan döwründe Watanymyza, halkymyza, Türkmenistanyň Prezidentine wepaly, ýiti zehinli we başarjaň ýaşlary ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

### Olimpiadanyň maksady:

Halkara matematika olimpiadasy mekdep okuwçylarynyň tebigy zehin-başarnyklaryny ösdürmek, dost-doganlygy berkitmek arkaly giň dünýägaraýyşly öňdebaryjy ýaşlary kemala getirmek, ylym we

döredijilik bilen işjeň meşgullanmaklaryna höweslendirmek, olaryň intellektual ösüşi bilen bagly hünär saýlamaklaryna oňyn şertleri döretmek.

**Olimpiadanyň wezipesi:**

a) zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmak;

b) ýurdumyzyň hem-de daşary ýurt döwletleriniň ylym we bilim ulgamyndaky täze gazanan üstünliklerini paýlaşmak;

ç) ýurdumyzyň hem-de daşary ýurt döwletleriniň orta mekdepleriniň we aýry-aýry bilim we ylmy merkezleriniň arasynda özara gatnaşygyny ösdürmek.

## 2. Olimpiadanyň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

Olimpiadany guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Guramaçylyk topary döredilýär. Guramaçylyk toparynyň düzümi Türkmenistanyň Bilim ministriniň buýrugy bilen tassyklanylýar.

**Guramaçylyk topary:**

a) olimpiadany geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de ony guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk işleri alyp barýar;

b) olimpiadany geçirmegiň tertibini we möhletini kesgitlemek boýunça teklipleri hem-de usulyýet we gözükdiriji gollanmalaryny taýýarlaýar;

ç) ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň mekdepleriniň wekilleri bilen olimpiadanyň meselelerini işläp taýýarlamak boýunça işleri alyp barýar.

## 3. Olimpiadany guramagyň we geçirmegiň tertibi

3.1 Olimpiada ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň mekdepleriniň 20 ýaşa çenli mekdep okuwçylary (gatnaşyjylar) gatnaşyp biler.

3.2 Olimpiadanyň resmi iş dilleri – türkmen, iňlis, rus dilleri.

3.3 Her bir gatnaşýan okuwçy (gatnaşyjy) Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň internet sahypasy arkaly hasaba alynýar.

3.4 Olimpiada şahsy bäsleşik görnüşde A we B derejede geçirilýär:

**A derejä -** 20 ýaşa çenli mekdep okuwçylary, olimpiadanyň geçirilýän döwründe öz ýurdunyň mekdebini tamamlanyna 1 ýyldan köp wagt geçmedik hem-de orta we ýokary okuw mekdebiniň talyby bolmadyk uçurymlar gatnaşyp biler;

**B derejä** - ýaşy 15,5 geçmedik okuwçylar gatnaşyp biler.

3.5 Gatnaşyjy ýurtlar üçin iki derejede hem okuwçy (gatnaşyjy) sanynda çäklendirme ýokdur.

3.6 Olimpiada bir tapgyrdan ybarat bolup, okuwçylara (gatnaşyjylara) 5 mesele hödürlener hem-de bu meseleleri çözmeklige 5 sagat wagt berler.

3.7 Her doly we dogry işlenen meselä 10 bal berlip, jemi 50 bala deň bolar.

3.8 Olimpiada gatnaşýan okuwçy (gatnaşyjy) meseleleri özbaşdak işlemeli. Olimpiada geçýän wagty gapdalyndaky ýoldaşy bilen gürleşmeklige, kitap, okuw we beýleki elektron serişdeleri ulanmaklyga rugsat berilmeýär. Şu düzgüni bozan gatnaşyjy olimpiada gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylýar.

3.9 Olimpiada gatnaşýan ýurtlar bäsleşige 3 mesele hödürläp biler. Hödürlenýän meseleler anyk çözüwi bilen guramaçylyk toparyna 2024-nji ýylyň 25-nji fewralyna çenli iberilmeli. Olimpiada hödürlenýän meseleler hiç bir kitapda çözülişi görkezilmedik meseleler bolmaly.

3.10 Meseleler olimpiada gatnaşmaýan ýurtlardan ýa-da garaşsyz hünärmen tarapyndan teklip edilip hem bilner.

3.11 Olimpiadanyň eminler toparynyň düzümine Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň orta mekdepleriň, ýokary okuw mekdepleriniň hem-de ylym-bilim edaralarynyň wekilleri girizilýär. Eminler toparynyň düzümi Türkmenistanyň Bilim ministriniň buýrugy bilen tassyklanylýar.

3.12 Eminler topary olimpiada gatnaşýan okuwçylaryň işlerini bahalandyrýar we netijelerini jemleýär.

3.13 Bäsleşigiň netijesi boýunça gatnaşyjynyň arz-şikaýat bilen ýüz tutmaga hukugy bar. Arz-şikaýat bilen degişli okuwçynyň toparynyň ýolbaşçysy eminler toparyna ýüz tutup biler.

3.14 Arz-şikaýatlar eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni eminler toparynyň başlygy kesgitleýär hem-de gutarnykly netije üýtgedilmäge degişli däldir.

## 4. Maliýeleşdiriş

Olimpiada gatnaşýan mekdep okuwçylarynyň (gatnaşyjylaryň) hem-de ýolbaşçylarynyň iýmit, ýaşaýyş jaý, ýurduň çägindäki awtotransport we olimpiada geçýän döwründäki syýahatçylyk bilen baglanyşykly çykdajylaryny bäsleşigi geçirýän ýurt öz üstüne alýar.

## 5. Olimpiadanyň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

5.1 Olimpiadanyň netijesi şahsy we toparlaýyn bäsleşikde toplanan utuklaryň jemi boýunça kesgitlenilýär.

5.2 Olimpiadanyň netijeleri beýanlar arkaly resmileşdirilýär we eminler toparynyň netijenamasy esasynda ýeňijileriň düzümi tassyklanylýar.

5.3 Olimpiadanyň ýeňijileri **altyn, kümüş** we **bürünç** medallar we degişlilikde **1-nji, 2-nji we 3-nji derejeli** diplomlar bilen sylaglanylýar.

5.4 Ýeňijileriň umumy sany gatnaşyjylaryň 50%-den geçmeli däldir. Diplomlar takmynan 1:2:3 gatnaşykda bolmaly.

5.5 Olimpiadada azyndan bir meseläni doly çözen, ýöne baýrakly orna mynasyp bolup bilmedik okuwçy höweslendiriji **Hormat haty** bilen sylaglanylar.